**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# HUKUKÇYNYŇ DILEWARLYK USSATLYGY

**(Okuw gollanma)**

**Ylmy redaktor:**
**hukuk ylymlarynyň kandidaty,**
**dosent T.G.Diwanowa**

**Aşgabat-2010**

**A.J.Jumaýew**

# HUKUKÇYNYŇ DILEWARLYK USSATLYGY

**(Okuw gollanma)**

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**Ylmy redaktor:**
**hukuk ylymlarynyň kandidaty,**
**dosent T.G.Diwanowa**

**Aşgabat-2010**

# GIRIŞ

Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda giň möçberli özgertmeler alynyp barylýar. Türkmen milli bilim, ylym pudaklaryny özgertmek, kämilleşdirmek, ösdürmek babatynda köp işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň türkmen dilindäki okuw kitaplary bilen üpjün etmek hem şu işleriň esaslarynyň biridir.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda milli kanunçylygymyzy kämilleşdirmek we mundan beýläk-de ynsanperwerleşdirmek, adam hukuklary baradaky kanunlary halkara hukugy boýunça ykrar edilen kadalara doly laýyk getirmek barada ägirt uly tagalla edýän hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň 2010-njy ýylyň 1-nji martynda geçirilen mejlisinde hukuk goraýjy edaralaryň işini kesgitleýän kanunlaryň adam hukuklary boýunça halkara talaplaryna laýyklykda kämilleşdirilmelidigi barada aýtmak bilen, milli parlamentiň işiniň bu wajyp ähmiýetli we jogapkärli wezipäni amal etmäge gönükdirilmelidigini nygtady.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 15-nji fewralynda “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” kabul eden Permanyndan, “Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek

hakynda” 2007-nji ýylyň 4-nji martyndaky Kararyndan gelip çykýan wezipeleri durmuşa ornaşdyrmak maksady bilen, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde uly işler alynyp barylýar. Esasy maksat hünärmenleri taýýarlamagyň hilini ýokarlandyrmak bolup durýar. Türkmenistanda bilim ynsanperwerlige, demokratiýa, milli aň-düşünjelilige hem-de adamlaryň we halklaryň biri-birine hormat goýmagyna esaslanýar. Umumyadamzat we milli gymmatlyklar esasynda şahsyýetiň hemmetaraplaýyn ösmegi üçin döwletimizde ykdysady, durmuş, kanunçylyk şertleri döredilen. Bu bolsa bilimiň jemgyýetiň ruhy, durmuş-ykdysady we medeni taýdan öňe gitmegine esas bolup durýar.

Türkmenistanyň hukuk goraýjy we harby ulgamy üçin kazyýet seljermelerini hem-de ýüz tutýan her bir edara görnüşli taraplar we şahsy adamlar üçin ylmy nukdaýnazardan esaslandyrylan, ýokary hilli seljermeleri geçirmek üçin resminamalaryň dogry atlary gerek. Häzirki wagtda seljermeleriň birnäçe görnüşleri boýunça Türkmenistanyň Adalat ministirligi tarapyndan taýýarlanylan sözlük bar.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda biziň döwletimiz soňky üç ýylyň içinde syýasy,ykdysady,sosial,ruhy ösüşleriň,kanunçylyk we Türkmenistanyň hukuk ulgamyny kämilleşdirmek,jemgyýeti ulgamlaýyn ösdürmek ýoly bilen ynamly hereket edip, halkymyza maddy we ruhy mümkinçiliklerini giňişleýin gurmuşa geçirmäge uly şertleri döretmegiň hötdesinden geldi. Häzirki günde milli demokratik ösüş ýolunyň,kanunçylygyň,hukuk ulgamynyň özboluşly nusgasynyň lemala gelýändigi we bu ugurdaky

öňegişlikler diňe bir milli çäklerdee däl,eýsem,halkara derejesinde hem äşgär duýarlykly bolup,Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistan Watanymyzyň abraýyny has belende göterýär.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň hukuk fakultetinde okaýan talyplar,-bular, gelejekde Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralarynda zähmet çekmek bilen, Watanymyzyň asudalygyny,agzybirligini,jebisligini gorap saklajak işgärlerdir. Şu ýagdaýyň özi olardan hukuk öwreniş hünärini düýpli öwrenip, ähli derslerden,umumy we amaly sapaklardan olaryň gowy ýetişmek-lerini, öwrenmeklerini,mahlasy gelejekde dünýä ülňülerine gabat gelýän hukuk goraýjy işgärler bolup ýetişerler.

Hukuk fakultetinde okalýan dersleriň biri,bu “Hukukçynyň dilewarlyk ussatlygy” atly dersdir. Bu dersde her bir gelejekki hukukçydan,--goý ol prokuror bolsun,goý ol adwokat bolsun,goý ol kazy bolsun ýa-da sülçi bolsun,--dilewarlyk ussatlygy,doly we dogry pikirlenmek ussatlygy,akyl ýetirmel we netije çykarmak ussatlygy talap edilýär. Taryhda dürli ýurtlaryň mysalynda dilewar ýuristleri näçe getirseň getirip bolar. Meselem,Gadymy Rimiň dilewary Sisseron,ýa-da beýik rus ýuristi Koni ýa-da beýik rus aklawçysy Plewako—bularyň mysalynda adamzat taryhynda ýaşap geçen ajaýyp ýuristleri,dilewarlary görmek bolar.

Şeýlelikde, ”Hukukçynyň dilewarlyk ussatlygy” atly ders bu diňe bir okuw dersi bolmak bilen çäklenmän,eýsem-de,hukuk öwreniji hünärmenler üçin,talyplar üçin, kazyýetde çykyş etmegiň,metbugatda çykyş etmegiň,jemagatyň öňünde çykyş etmegiň inçe

tilsimlerini öwrenýän ylymdyr. Bu bolsa,Hormatly Prezidentimiziň geljekki ýuristlerden edilýän talabyň örän güýçlüdigine aýdanlaryndan ugur alyp, döwrebap hukukçylary,ylymly-bilimli,terbiýeli hünärmenler edip ýetişdirmek üçin ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň öňünde durýan örän uly,wajyp wezipeleriň biridir.

## Tema 1: Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanda hukukçynyň dilewarlyk ussatlygynyň ähmiýeti.

1. Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanda bilimi, ylmy kämilleşdirmek barada Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan syýasaty.
2. Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanda hukukçynyň dilewarlyk ussatlygynyň ähmiýeti.
3. Hukukçy hünärmenlere bildirilýän talaplar.

Täze galkynyş zamanasynyň aýdyň ýoly bilen öňe barýan Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň parasatly ýolbaşçylygynda geljekgi ösüşleriň, tutumly işleriň berk binýady tutulýar. Hormatly Prezidentimiz döwlet baştutanlygyna gelen ilkinji gününden başlap özüniň Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine dalaşgär wagtynda ýurdumyzyň ähli welaýatlarynyň adamlary bilen duşuşanda: „Eger-de saýlawçylar maňa ynam bildiren ýagdaýynda ýurt boýunça birnäçe meseleleri çözjekdigimi söz berýärin"-diýen sözüni mümkin boldugyça ýerine ýetirmeklige girişdi.

Hormatly Prezidentimiz döwlet tarapyndan öňe sürülýän wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek üçin

bilime we ylyma uly üns berýär. Ykdysadyýetiň we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösmegi bilimiň we ylmyň derejesiniň dünýä ülňülerine gabat gelmegi bilen baglydyr. Şonuň üçin-de ýurdumyzyň bilim ulgamynda uly özgertmeler durmuşa ornaşdyrylyp başlandy. Hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny kämilleşdirmek barada kabul eden" Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda" Permanyndan we „Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda" Kararyndan ruhlanyp, şeýle-de Prezidentimiziň **„Güýçli döwletde ylym esasy orny eýeleýär, diýmek biz ylmyň in täze gazananlary bilen aýakdaş gitmelidiris“**-diýen sözlerinden ugur alyp, zähmet çekýän bilim Tşgärleri ýaş nesle berilýän bilimiň we terbiýäniň hilini ýokarlandyrmak, okatmagyň täze usullaryny iş tejribä ornaşdyrmak, ýaşlara bilim bermegiň öňdebaryjy usullaryny ullanyp, Altyn asyr zamanasyna mynasyp kämil terbiýeli, çuňňur bilimli, Watana, halka, hormatly Prezidentimize wepaly ýaşlary, hemmetaraplaýyn ösen şahsyýetleri kemala getirmek babatda netijeli işleri amala aşyrýarlar.

Häzirki wagtda bilim ulgamynda düýpli özgerişlikler amala aşyrylyp, mekdeplerde we ýokary okuw jaýlarynda okuwlar düýbünden täzeçe guralýar, häzirki zaman okuw usullary ornaşdyrylýar. Şeýlede hormatly Prezidentimiziň başda durmagy bilen türkmen ýaşlarymyzyň daşary ýurtlarda biiim almagyna giň ýol açyldy.

Türkmenistan döwletiniň Beýik Galkynyşlar zamanyna aýak basmagy, diňe bir syýasatda, ykdysadyýetde däl, eýsem durmuşyň beýleki ähli ugurlarynda täzelenişiň başlanýanlygyny alamatlandyrdy. Milli Liderimiziň ýadawsyz aladasy netijesinde ylym-bilim

ulgamynda-da öňe gidişlikler bolup geçýär. Döwlet Baştutanymyz özüniň ähli çykyşlarynda il bähbitli, halkara işleri amala aşyrmak üçin gymmatly pikirleri öňe sürýär. Türkmen edebiýatynyň gadymy we orta asyrlar edebiýatyndan başlap ýagny Garaşsyzlyk döwürleriniň edebiýatyna çenli öwrenilip gelinýär. Biziň dersimiz Garaşsyzlyk döwrüniň edebiýaty bu döwürde bolup geçen syýasy jemgyýetçilik wakany öz içine alýar. Biziň bilşimiz ýaly bu döwürde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ylym-bilim syýasaty, edebiýaty, medeniýeti, sungaty ösdürmek baradaky kararlary giň gerime eye boldy.

Hormatly Prezidentimiz ýurt baştutanyna geçen gününden başlap turuwbaşdan ylym-bilime, syýasata, sungata esasy ünsi gönükdirdi. Ol **"Bilimsiz öý, otsyz ojak ýalydyr"**. Ylym, bilim, edebiýat, sungat, medeniýet bolsa adamzadyň bahasyny ölçäp bolmajak baýlykdyr. Olaryň hemmesi adamlary biri-birine ýakynlaşdyrýan, mähriban edýän, dost-dogan edýän, nesillerde in ajaýyp duýgulary oýarýan güýçlerdir. Hut şonuň üçin hem biz olary ösdürmäge uly üns berýäris diýip belleýär.

Şeýle hem özgertmeler zamanamyzyň baş ugry bolup durýan adalat jemgyýetiniň binýadyny berkitmek üçin, kabul edilýän kanundyr kararlaryň, halkara hukuk kadalarynyň hem talaplaryna laýyk getirilip çykarylmagy Türkmenistan döwletimizde demokratýanyň şöhlelenýänliginiň aýdyň subutnamasydyr. Konstitusýamyzyň 3-nji maddasynda beýan edilşi ýaly, Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň in gymmatly hazynasy adamdyr diýilýär, Türkmenistanda ýaşaýan her bir raýatyň hukuklarynyň goraglylygy, şeýle-de

döwletimize gelýän daşary ýurt raýatlarynyň hem hukuklarynyň berk goralýanlygy, halkara gatnaşyklarynda biziň ýurdymyzyň abraýynyň hasda artýandygynyň mysaly bolup durýar. Bu bolsa Türkmenistan bilen daşary döwletleriň köp ugurly, peýdaly gatnaşyklaryň ösmegine getirýär. Kanunçylyk binýadynyň berkemegi bilen yurdymyzyň ähli pudaklarynyň işleriniň kadaly gurnalmagy ykdysadyýetimiziň ösüşindäki netijelerinden görmek bolýar.

Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda Beýik Galkynyşlar we Täze özgertmeler zamanasynda il-ýurdyň bähbidine gönükdirilen sansyz, işler bedew badynda amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiz ýurdy ösdürmek üçin ilkinji başlangyçlarynyň biride kanunçylygy kämileşdirip, döwrüň talabyna laýyk düzgünleri girizip, döwletimiziň kanunçylyk binýadyny berkitmeginden başlady. Yurduň içeri-daşary syýasatynda milli kanunçylygymyza hem-de halkara hukugynyň kadalaryna esaslanýan gatnaşyklaryň gurnalmagy dine bir milli kanunçylygymyzyň berkemegine däl-de, halkara hukuk gatnaşyklarynda döreýän gatnaşyklara hem öz goşandyny goşýar. Bu babatda ýurdymyz öz daşary syýasatynda hoşnýetli özara peýdaly gatnaşyklara gönükdirilen çäreleri amala aşyrýar. Mundan başga-da, esasy kanunymyz Konstitusiýanyň täze redaksiýasynyň kabul edilmegi bilen ýurdymyzyň ösüp barýan pudaklarynyň işlerine täsir etjek kadalaryň goşulmagy, kanunçylyk binýadyny döwrümiziň talabyna laýyk getirmek, eýeçilik gatnaşyklaryny döwrebap ösdürmek, hususy eýeçilikdäki emläkleriň döwlet tarapyndan goraglylygyny güýçlendirmek bilen baglydyr.

## Tema 2: Dilewarlyk ussatlygy dersiniň gurluşy we öwrenilýän meseleleri.

1. Dilewarlyk ussatlygyna düşünje.
2. Dilewarlyk usssatlygy üpjün edýan taglymatlary, ýörelgeleri özleşdirmek.
3. Kazyýet mejlisinde prokuroryň, adwokatyň çykyşlarynyň aýratynlyklaryny öwrenmek.
4. Kazynyň kazyýet mejlisini alyp barmakda sözleýiş aýratynlyklaryny öwrenmek.

Jemgyýetiň durmuşynda dilewarlyk ussatlygy hemişe uly orun tutýardy. Her bir hukukçy wagyz-nesihat işleri bilen meşgul bolýar, gürrüňdeşlikleri geçirýär, dürli meseleler boýunça umumy sapaklary okaýar, şonuň üçin ol köpçülik bilen gatnaşmagyň endiklerine eye bolmalydyr. Şeýle hem,hemişe ösüp barýan ilatyň medeni derejesi hukukçylary ýokary Çykyp geplemek medeniýetine eye bolmagyny borçly edýär. Hukukçy öz sözüni doly, sowatly, işi bilmek bilen, labyzly aýdyp bilmelidir, ýagny adamlary ynandyrmaga başarmalydyr. Hukukçy gowy dilewar bolmalydyr. Bu onuň baş hünär häsiýetleriniň biri bolup durýar.

Kazyýet köpçüligi özüniň dilewarlyk serişdeleriniň ähli baýlygyny peýdalanýan hem-de dilewarlyk usullaryna eye bolan prokurorlara we adwokatlara uly hormat goýýarlar. Jedel etmeklige hem-de gürlemeklige öwretmeklik mümkin hem gereklidir. Edil şu iş bilen pelsepäniň, logikanyň, psihologiýanyň, estetikanyň, etikanyň, dilleri bilmekligiň üstünliklerini peýdalanýan dilewarlygy öwreniş meşgullanýar.

Tejribe işgärleri: "Talyplara köp zady öwredýärler, emma welin prosese, nähili taýýarlanmak, çykyp geplemegi nähili gurnamak, dilewarlyk ussatlygyna öwretmeýärler!" - diýip dogry belleýärler.

Kazyýetde dilewarlyk ussatlygy boýunça dersi ähli talyplar üçin hökmany bolmalydyr, dersde bolsa ses bilen hem-de diksiýanyň üstünden işlemek endiklerini berýän geplemegiň tehnikasy boýunça okuwlar geçirilmelidir.

Kazyýet dilewarlyk ussatlygyny gerek bolan beýiklige galdyrmak we kazyýet dilewarlygyň şöhradyny galkyndyrmak üçin prakuratura we adwokatura işgärleriniň saýlap geçmek boýunça uly, maksada okgunly işi zerurdyr.

Hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmakda hukuk ylymlary uly kömek berip bilýarler hem-de oňa borçludyrlar. Hukuk ylymlaryň täze hiline ýetmeklik aýratyn dykkaty talap edýär. Bu ýerde meseleleriň uly toplumy yatyr, ýagny ykdysady özgerişi üpjün etmekden raýatlaryň ykdysady, syýasy we durmuş hukuklarynyň, azatlyklarynyň esasyny emele getirýän ýurisprudensiýanyň baplaryna üýtgetmeleri girizmek zerurlyga çenli. Başga söz bilen aýdanymyzda, nazarýet pikiri kämilleşen döwür üçin has doly demokratiýany üpjün etmeklige dogry dialektiki taýdan ösen, guramaçylykly,

hukuk, syýasy usullary teklip etmeklige borçludyr.

"Orator" sözi latyn sözi bolup, ol köpçüligiň öňünde çykyp gepleýän adamy aňladýar, dilewarlyk sungaty bolsa, diňleýjä has uly täsiri ýetirmek üçin öz gepini ussatlyk bilen peýdalanmaklygy başarýandygy bilen häsiýetlendirilýär.

"Dilewarlyk" sözi owadan, ynamly, gyzykly geplemekligi aňladýar. Dilewarlyk geplemsekden, boş sözlülikden hem biderek gürrüňden tapawutlulykda, mazmunly, jemgyýet üçin peýdaly we zerur bolan çykyşy göz öňüne getirýär.

Dilewarlyk bilen dilewarlyk sungatyny deňeşdirip bolýarmy? A. F. Koni bu adalgalary tapawutlandyrýardy. Dilewarlyk diýip, ol "özüniň görnüşiniň owadanlygy, şekilleriň ynandyryjylygy hem ötgür aňlatmalaryň güýji bilen diňleýjileri tolgundyrýan hem gyzyklandyrýan geplemek ukybyna" düşünýär. Dilewarlyk sungaty bolsa, onuň aýmyşyna görä, sowatly hem ynamly geplemek başarnygy aňladýar. Dilewarlyk diýip, A. F. Koni zähmet tarapyndan ösdürilýän tebigy zehin, dilewarlyk sungatyna bolsa, şol tebigy zehinden mahrum bolan adamdan hem öwrenip bolar diýip hasaplaýardy.

G. Z. Apresýan bolsa dilewarlyk sungatynyň we dilewarlygyň birmeňzeş düşünjelerdigini hem onuň jemagat (ýeke özüňiň) geplemek sungatyny aňladýandyklaryny hasap edýärdi. Onuň pikirine görä, dilewarlyk sungaty "seslenýän söz arkaly geçirilýän hemişe dartgynly aň-duýgy döredijiligidir".

Dilewarlyk sungatynyň belli bir geplemek ukybyny, belli bir ukyplary, dile çeperlige zehini talap edýär. Emma eger-de dile çepe(rlige zehin gerek bolýan bolsa, onda

geljekki hukukçyny ýiti, ynamly kazyýet çykyşlaryny aýtmaklyga öwretmek mümkinmi? Gowy dilewaryň ilkibaşdan jemagat çykyşlaryna bolan ukybynyň bolmaklygyny inkär etmek bolmaz, ýöne muňa garamazdan her bir adamy maksada laýyk we logikaly çykyşlary gumamaga, dogry hem ynamly öz pikirleriňi beýän etmäge, jemagat çykyşynda öz ýekebarlygyňy bildirmäge öwretmek mümkin.

Dilewarlyk sungaty amaly ders bolup durýar we köpçülige islenilýän täsiri ýetirmek maksady bilen çykyşy taýýarlamak we aýtmak boýunça dilewaryň bilimleriniň, başarnyklarynyň we endikleriniň toplumy bolu durýar.

Kazyýet dilewarlyk sungaty - iň gadymy sungatlaryň biridir. Düzgün boýunça, prokuroryň we adwokatyň çykyşlary bii-birine garşy çykýar, kä halatlarda çekişme häsiýetine eýedir. iş boýunça ähli subutnamalary we ýagdaýlary dürli tarapdan baha berip we şöhlelendirilip, bu çykyşlar kazyýetiň netijelerine, onuň kararlaryna täsir edýärler. Käwagt jenaýat kazyýet önümçiligine gatnaşýan işiň dogry çözülmegi üçin ähmiýeti bar bolan faktlary we ýagdaýlary bilmek bilen olar baraäynda öz wagtynda habar bermekligi kyn görýär we olary öz gepinde aýdyň beýan edip bilmeýär. Şonda bu faktlar we ýagdaýlar üsti açylman galyp bilerler we şeýle ýagdaýyň iş boýunça hakykaty anyklamagy we onuň adalatly garalmagyny kynlaşdyrar.

Hünärmen hukukçylaryň mazmunly kazyýet çykyşlary bilen çykyş etmekleri üçin olaryň işiň materiallaryny, hukugy, psihologiýany, pedagogikany, etikany, logikany gowy bilmek hem-de ýokary medeniýetli adamlar bölmak zerurdyr.

Prokurorlar we adwokatlar tarapyndan çykyp

geplemek tejribesini derňemeklik kazyýet çykyşlarynyň hiline şularyň täsir edýändiklerini anyklamaga mümkinçilik berýär: dilewaryň maksatlylygy, onuň umumy çüňňür bilimliligi, hünär ussatlygy; jemagatda gürlemek başarnygy; çykyşa taýýarlanmak. Ondan başga-da, olar jemagatda çykyş etmegiň düzgünleri bilen tanyşmalydyrlar. Emma şol düzgünlere esasy düzgünler hökmünde akyl ýetirmeli däldir.

Çykyşynyň mazmunyny we formasyny kesgitljäp, kazyýet dilewary onuň öz hünär borjuny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan hukuk we başga bilimlerine gollanmalydyr.

Prokuror we adwokat kazyýet çykyşlarynda çykyş edip, kanunyň bildirýän talaplaryny göz öňüne tutmalydyrlar, olaryň kazyýetde aýdylan sözi akylly we dogry bolmalydyr, olaryň çykyşy işiň materiallaryndan, subutnamalardan, anyklanan faktlardan daşlaşmaly däldir.

Prokuror söz bilen çykyş edende zaldaky ähli bar bolanlara kanunyň name sebäpden belli bir hereketi ýa-da hereketsizligi amala aşyrandygyň üçin jezalandyrýandygyny, olaryň name üçin jemgyýetçilik üçin howpludygyny görkezýär. Prokuror tarapyndan jenaýata berilýän bahasy kazýýeti, diňleýjileri, kazyýete berleni, beýleki işe gatnaşýanlary amala aşyrylan jenaýatyň howplulygyna, aýyplanýanyň iş kesilmeginiň adalatlylygyna we esaslandyrylandygyna ynandyrmalydyr. "Döwlet garalawjysynyň münberi - bu wagyz-nesihat, kanunlaryň düşündirilişi, ilatyň hukuk terbiýelenilişi geçirilýän münberidir".

Prokuroryň sözünde jemgyýetçilik gyzyklanmasyny döredýän dürli soraglar beýan edilip bilner. Prokuror

jenaýatyň ähli syýasy-jemgyýetçilik aýratynlyklaryny diňleýjileriň kazyýetden jemgyýetçilik ahlagynyň we tejribe syýasatynyň sapaklaryny almaklary üçin aýdyňlaşdyrmaga borçludyr.

Prokuroryň ähli çykyşy kazyýetdäki köpçüligine jenaýatyň syýasy-jemgyýetçilik bahasy arkaly güýçlendirýän terbiýeleýiş täsirini ýetirmelidir.

Kazyýetiň göçme mejlislerinde hem-de kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatlary barada işler boýunça prokuroryň aýyplaw çykyşynyň ähmiýeti artýar. Emma prokuroryň çykyşynda ol amala aşyrylan jenaýat üçin ähli günäni terbiýeçileriň we ene-atalaryň üstüne ýüklemeli däldir. Prokuror özüniň çykyşynda hemmelere, şol sanda hem kämillik ýaşyna ýetmedik kazyýete berlene pikirlerini örän aýdyň beýan etmelidir: jenaýatyň edilmeginde jahylyň özi günäkär, şonuň üçin ol jezasyny çekmelidir, ene-atalar we terbiýeçiler dine özleriniň borçlaryny bozandyklary sebäpli jogapkärçilik çekýärler.

Şeýle hem, kazyýet çykyşlarynda adwokat çykyş edip, amala aşyrylan jenaýata syýasy-jemgyýetçilik baha berýär. In gowy adwokatlar özleriniň çykyşlarynda goragy jenaýaty paş etmek bilen başarjaň gezekleşdirýärler. Kazyýete berleniň hukuklaryny hem kanuny bähbitlerini gorap, adwokat jemgyýetiň, döwletiň, adyl kazyýetligiň bähbitlerini unutmaly däldir. Adwokat jenaýaty däl-de, ony amala aşyran adamy goraýar. Adwokat edil biziň jemgyýetimiziň islendik agzasy hökmünde jenaýaty paş etmän . bilmez. Ol özüniň çykyşynda işiň syýasy-jemgyýetçilik ähmiýetiniň ýiti, çuňňur hem dogry bahasyny kazyýete berleniň hukuklaryny hem-de kariuny bähbitlerini hakyky goragy bilen gezekleşdirmelidir.

Adwokat goralýanyň ýa-da müşderiniň ynamdar adamy bolup, dine kanuny esaslarda hereket edýär hem- de özüniň kanunlary bilmegi, adamzat gatnaşyklarynyň düýp manysyna aralaşmak sungaty, adamlaryň kynçylyklaryna ýürekden garap, ýalan, hukuk hefeketlerden gaça durmak bilen, adwokat adyl kazyýetlige çylşyrymly işlerde hakykaty tapyp bermäge kömek edýär hem-de adalatlylygyň we kanunylylygyň dabaralanmagyna ýardam berýär.

Gorag çykyşlarynda adwokatlar garalýan iş bilen baglanyşykly wajyp ahlak meseleleri öňünde goýýarlar, uly jemgyýetçilik ähmiýeti bar bolan meseleleri gozgaýar, jenaýatyň amala aşmagyna ýardam beren sebäpleriň we şertleriň üstüni açýar.

Käbir adwokatlar täze adamy terbiýelemek işine gulluk etmek borçlaryndan ýüz dönderýärler. Olar amala aşyrylan jenaýatyň syýasy-jemgyýetçilik bahasynda özleriniň prokuror bilen razylygyny aýtmak bilen çäklenýärler. Beýle etmek bolmaz. Hatda adwokat prokuror bilen razylaşýan hem bolsa, ol öz pikirlerini beýan etmek üçin täze, aýdyň hem gerekli sözleri tapmaklyga borçludyr.

Adwokatlar kazyýet çykyşlarynda gorag nukdaýnazaryndan jenaýatlaryň amala aşmaklaryna ýardam beren sebäpleriň hem şertleriň barlanmagyna uly üns bermelidirler, terbiýeleriň işinde hem kanunylygyň bozulmagyndaky kemçilikleriň üstüni açmalydyrlar.

Adwokat özüniň borçlaryna laýyklykda, goralýany üçin dine gowy häsiýetnama berip biler. Emma kazyýete berleni , esassyz we subutnamasyz öwmeklige ýol berilmeýär. Adwokatyň çykyşy ähli diňleýjilerde, şol sanda

hem gorag sözi uly täsiri ýetirýän kazyýete berlende gowy pikirleri we duýgulary oýarmalydyrlar. Kazyýete berlen öz adwokatyna,- onuň sözlerine ynanýar, adwokat hem şondan peýdalanmalydyr. Ol özüniň çykyşynda kazyýete-berlende dine adwokatyň pikirini diňlemeklige islegi oýarmak däl-de, eýsem onuň berýän maslahatlaryna eýermekligi gazanmalydyr.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatlary barasyndaky işler boýunça adwokat (ilki bilen kazyýete berleniň özüne) kämillik ýaşyna ýetmedigiň anyk günäsiniň nämede jemlenendigini, onuň jenaýatkär bolmagyna haýsy subýektiw sebäpleriň eltendigini we jahylyň düzelmek ýollaryny görkezmelidir. adwokatyň çykyşy özüniň mazmuny we formasy boýunça kämillik ýaşyna ýetmedik kazyýete berlende onuň özüni alyp baryşy üçin utanmak we uýalmak duýgularyny, dogry ýaşamak hem zähmet çekmek islegini döretmelidir. Adwokat jahylyň nähili öz ene-atasyna gatnaşýandygyny bilmäge borçludyr, şol sebäpli hem onuň duýgularynä nebsi agyrmalydyr.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatlary barasyndaky işler boýunça adwokatlar prokurorlar ýaly çykyşlarynda erkek dostlugy, ýoldaşlyk, erkek mertebesi we namysy baradaky temalary köplenç ösdürýärler. Eger-de iş boýunça ululary̌ň kämillik ýaşyna ýetmedikleri jenaýat ýoluna iterendikleri, arakhorluga we ş. m. goşandyklary barasynda anyklanylan bolsa, onda adwokat olaryň jogapkärçiligi barasynda meseläni gozgamalydyr, kazyýetiň hususy kesgitleme çykarmagyny haýyş etmelidir.

Raýat işleri boýunça çykyşlarda hem dürli ahlak meselelere garalýar, mysal üçin, atalygy anyklamak,

emlägi bölmek, nika bozmak barasyndaky işler we beýleki işler boýunça. Çykyşlarda ahlak meseleleriň aýdyňlaşdyrylmagy prokurora we aklawça olaryň öňünde goýlan terbiýeleýiş wezipeleri ýerine ýetirmeklige mümkinçilik berýär.

## Tema 3: Sülçiniň dilewarlyk ussatlygy.

1. Şaýatdan, jebir çekenden sorag etmegiň usuly aýratynlyklary.
2. Aýyplanýandan, guman edilýäňden sorag etmegiň usuly aýratynlyklary.
3. Sülçiniň derňeýän jenaýat işi boýunça düzýän resminamalarynyň dil aýratynlyklary.

Şaýatdan, jebir çekenden sorag etmeklik barada Türkmenistanyň JIÝK-da bellenilip geçilýär. Subutnamalaryň çeşmeleriniň arasynda şaýatlaryň we jebir çekenleriň görkezmeleri wajyp orun tutýarlar. Olarsyz hiç bir iş seredilmeýär diýip aýtsagam ýalňyşdygymyz bolmaz. Şaýat bilen jebir çeken jenaýatyň ýagdaýlary bilen döreýärler. Olaryň görkezmeleriniň esasynda, düzgün bolşy ýaly, iş boýunça obýektiw hakykatyň anyklamagy üçin

möhüm äjimiýeti bolan faktlara, wakalara akyl ýetirilmegi ýatyr. Şonuň üçin işde şaýatlaram, jebir çekenlerem çalşyryp bolmajakdygyny bellemek gerekdir.

Şaýadyň görkezmesi-bu deslapky derňew wagtynda ýa-da kazyýetde sorag edilen adamyň özüne mälim bolanişiň hakykat ýüzündäki ýagdaýlary barada dil üsti bilen beren, habarydyr. Şaýadyň görkezmeleriniň zady kanunda kesgitlenendir. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 92-nji maddasyna laýyklykda şaýat iş boýunça anyklanmaly her bir ýagdaý hakynda, şol sanda aýyplanýanyň, jebir çekeniň şahsyýeti hakynda we özüniň olar bilen özara gatnaşyklary hakynda sorag edilip bilner. Şaýadyň görkezmelerine onuň hut özüniň akyl ýetiren, jenaýatyň wakasy hakyndaky maglymatlar degişli bolup bilýärler. wakanyň öňüiide bolup geçen, onuň bilen bilelikde bolup geçen hem-de ondan son bolan ýagdaýlar hakyndaky şaýadyň görkezmeleri jenaýat işiniň dogry çözülmegine wajyp kömegini berip bilýärler(mysal üçin aýyplanýänyň jenaýat etmekden öň aýdan zatlary hakynda ýa-da jenaýat edilenden son onuň öz-özüni alyp barşy hakynda şaýadyň beren görkezmeleri).

Şaýadyň görkezmeleri belli bir çeşmeleriň üstünde esaslandyrylmalydyr. Şaýat öz habar berýän hakykat ýüzündäki maglumatlarynyň haýsy çeşmeden gelip çykýandygyny görkezip bilmeýän bolsa, olar subutnama bolup bilmez. Derňelýän wakasynyň ýagdaýlaryna hut özüniň akyl ýetirmegi ýa-da faktlary, wakalary gören-eşden adamlaryň sözlerinden şol ýagdaýlar barada maglumatlary almagy şaýadyň habarlylygynyň çeşmesi bolup durýar.

Şaýadyň görkezmelerinde derňelýän wakasy barada dine takyk habarlar bolan halatynda olar subut edijilik

ähmiýetini berýärler. Takyk bolmadyk habarlar, boş sözli tassyklamalar aýbyň esasyna goýlup bilinmez.

Iş boýunça anyklanmaga degişli bolan nähill'idir bir ýagdaýlary bilýän islendik adam şaýat hökhiünde görkezme bermek üçin çagyrylyp bilner. Sonun bilen birlikde adamyň şu esasy şertlere gabat gelmegi wajypdyr:

-Hakykatyň hadysalaryna dogry akyl ýetirip bilýän bolmaly,

-Olary öz görkezm,elerinde dogry düşündirip bilýän bolmaly.

Şaýat hökmünde sorag edilip bilinjek adamlaryň çägi kesgitlenende onuň ýaşam, milletem, prosesiň gatnaşyjylary bilen bolan garyndaşlyk ýa-da wezipelilik gatnaşyklaram päsgel bermeli däldir. derňew hereketleriniň geçirilmegine gatnaşan hünärmenler we güwäler, rewiziýany geçirenlerinde, gözegçilik wezipelerini amala aşyranlarynda belli bir maglumatlary ýüze çykaran gözegçilik -rewizion edaralarynyň we inspeksiýalarynyň işgärleri (mysal üçin rewizor,döwlet ýol gözegçiligi gullygynyň ýa-da ýangyna garşy göreş gullugynyň inspektorlary); jemgyýetçiligiň wekilleri; jenaýatyň şärikleri hem eger-de olaryň garşysyna jenaýat işi ýatyrylan bolsa, şaýatlar bolup bilýärler. Jenaýatyň öňüni alan polisiýa işgärlerini, dessine agtaryş çärelerini geçiren we jenaýatçylaryň hereketlerini synlan dessin işgärlerini hem şaýat hökmünde sorag edip bolýar. Emma gelejekde bu adamlar anyklaýyş we deslapky derňewi hem-de şol iş boýunça aýratyn derňew hereketlerini geçirip bilmeýärler.

Kanun tarapyndan dine üç sany halatda şaýat hökmünde çekilýän adamlaryň çäklendirilmegi göz öňünde tutulýar:

1. Adwokat hökmünde öz borjuny ýerine ýetirmegi bilen baglanşyklykda özüne malim bolan işiň ýagdaýlary hakynda aýyplanýanyň adwokaty;

2. Bedeni ýa-da ruhy taýdan ýetmezçilikleri zerarly iş üçin ähmiýeti bar bolan ýagdaýlara dogry düşünip bilmejek we bular hakynda dogry görkezme berip bilmejek adamlar;

3. Wekil hökmünde öz borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanşykly özlerine malim bolan ýagdaýlar hakynda adwokat, kärdeşler arkalaşygynyň we beýleki jemgyýetçilik guramasynyň wekili.

Şaýadyň prosesual ýagdayynyň esasynda iş boýunça özüne malim bolan ýagdaýlar hakynda dogry görkezme bermelidigi baradaky esasy hukuk borjy ýatandyr. Şu wezipäni üstünlikli ýerine ýetirmek üçin şaýat belli bir hukuklar we borçlar. bilen üpjün edilýär. Aýratynda şaýat soraga çagyrylanda bellenen wagtynda gelmäge, anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň hem-de kazyýetiň teklip etmegi boýunça iş barada özüne malim bolan zatlaryň hemmesini habar bermäge; dogry görkezme bermäge ew öňünde goýlan soraglara dogry jogap bermäge; deslapky derňewiň maglumatlaryny aýan etmezlige; zerur bolan halatlarda serediş geçirmek, ýüzleşdirme geçirmek, adamyň tenine serediş geçirmek, tanamak üçin görkezmek, derňew eksperimenti, görkezmeleri baryp ýerinde barlamak ýaly derňew hereketler geçirilende olara gatnaşmaga; kazyýet mejlisiniň düzgün-tertibini berjaý etmäge; kazyýet derňewi gutarýança kazyýet mejlisiniň jaýynda bolmaga borçludyr.

Şaýat öz ene dilinde görkezme bermäge we terjimeçiniň kömeginden peýdalanmaga; sorag edilende ses ýazgysynyň ullanylmagy barada haýyş etmäge;

görkezmelerini öz eli bilen teswirnamada beýan etmäge; sorag teswirnamasybilen tanyşmaga; teswirnamanyň üstüniň ýetirilmegini we oňa düzedişleriň girizilmegini talap etmäge; ýüzleşdirme geçirilende sülçiniň rugsady boýunça ýüzleşdirmäniň beýleki gatnaşyjylaryna sorag bermäge; sorag geçirýän adamyň hereketlerine şikaýat etmäge; kazyýetde sorag edilende ýazmaça belliklerinden peýdalanmaga, şeýle hem öz ýanynda bar bolan işe. degişli resminamalary okap bermäge; kazyýet mejlisinde bolan faktlary teswirnamada tassyklanylmagy barada haýyş etmäge; anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň ýanyna ýa-da kazyýete çagyrylanlygy sebäpli sarp eden bütin wagty üçin işleýän ýerinde ortaça iş hakynyň saklanylmagyna hem-de gelip-gitmegi sebäpli çykaran hajatlarynyň tölenmegini talap etmäge hukuklydyr.

Şu ýerde şaýadyň görkezme bermek borjuna ünsüňizi çekmek isleýän. Yagny, JIÝK-nyň 92-nji maddasynyň laýyklykda şaýat öz islegi boýunça-da görkezme berip bilýändir. Käbir ýagdaýlarda şaýat mejbur edilmän hem görkezfne berrriek hukugyndan peýdalanyp bilýär. Şeýle düzgün Konstitusiýanyň 42-nji maddasyndan gelip çykýar, onda „Hiç bir adamy öz-özüne ýa-da ýakyn garyndaşlaryna garşy görkezme we düşündiriş bermäge mejbur etmek bolmaz" diýlip bellenilýär.

Anyklaýyş edarasynyň, sülçiniň, prokuroryň we anyklaýjynyň çagyrmagy boýunça zerur sebäpsiz gelmedik şaýat mejbury getirilip bilner.

Şaýadyň gelmänligine şu aşakdaky ýagdaýlar zerur sebäp diýlip hasap edilýär: -

Şaýadyň gelmegine mümkinçilik bermeýän agyr kesel;

-Çagyryş hatyny öz wagtynda almanlygy;

-Ony bellenilen möhletde gelmekden hakykat ýüzünde mahrum edýän başga ýagdaýlar (uzak möhletli iş sapary, tebigy betbagtçylygy we beýlekiler).

Şaýat zerur sebäpsiz gelmedik mahalynda ol sülçiniň karary esasynda polisiýa arkaly mejbury getirdilip bilner. Şaýadyň gije mejbury getirilmegine ýol berilmeýär.

Anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň ýa-da kazyýetiň çagyrmagy boýunça gelmekden boýun gaçyran şaýat AHTBHK-nyň 177 -nji we 177 -nji maddalary esasynda dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilner. Yagny, şu maddalarda göz öňünde tutulan jerimeleri salmakhakyndaky mesele anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirilýän wagtynda ýüze çykan bolsa, onda jerime anyklaýyş edarasynyň, sülçiniň ýa-da prokuroryň teklipnamasy boýunça etrap, şäher kazyýetleriniň serenjam mejlisiniň kesgitnamasy bilen salynýar.

Görnetin ýalan görkezme berenligi hem-de görkezme bermekden ýüz dönderenligi üçin şaýat JK-nyň 201-202-nji maddalary boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilýär, şol barasynda ol sorag edilmezinden öň duýdurylmalydyr. Şaýadyň duýdurylanlygy barada ony sorag etmegiň teswirnamasynda bellik edilip, şaýadyň goly bilen tassyklanylmalydyr.

Görnetin ýalan görkezme berenligi üçin şaýat özüniň görkezme beren işi boýunça kazyýetiň hökümi kanuny güýje girenden son ýa-da şol iş ýatyrylandan son jogapkärçilige. çekilýär. Şu umumy düzgün-tertipden daşary çykýan ýagdaý JK-nyň 202-nji maddasynyň belliginde görkezilen:"Özüniň ýa-da öz ýakyn garyndaşlarynyň garşy syna görkezme bermekden boýun

gaçyran adam jenaý at jogapkärçiligine çekilip bilinmez. "

Şaýadyň görkezmeleri hem beýleki islendik subutnamalar ýaly dykgatly barlanmagyna we baha berilmegine degişlidir. Şaýadyň görkezmelerine baha berlende ilki bilen oňa ynanyp bolýarmy, ol dogrusyny aýdýarmy ýa-da bilkastdan ýalan görkezme berýärmi diýen soraglary çözmeli. Şonuň üçin şaýadyň aýyplanýan, jebir çeken, iş boýunça bähbitleri bolan beýleki adamlar bilen gatnaşyklarynyň nähillidigini barlamalydyr. Şaýatda ýalan görkezme bermäge höwes döredýän ýagdaýlar bolup bilýär, mysal üçin, işiň belli bir netije bilen gutarmagynda şahsy bähbidiniň bolmagy, aýyplanýan. bilen duşmançylykly ýa-da tersine dostliikly e garyndaşlyk gatnaşyklary we beýlekileriň bolmagy. Eger-de şaýada ynamsyzlykly garamak üçin esaslar ýok bolsa, onda oňa sorag edilende aýdýan maglumatlarynyň obýektiw hakykata laýyk gelýändigi baradaky soragy çözmek gerekdir. Birkemsiz päk ýürekli adamyň hem ýalňyşyp bilýändigini göz öňünde tutmak gerekdir.

## Tema 4: Kazyýet çykyp geplemeleri barada düşünje we onuň ähmiýeti.

1. Kazyýet mejlisinde çykyp geplemeler barada düşünje we onuň predmeti.
2. Kazyýet çykyşlary kazyýet çykyp geplemeleriniň esasy bölegidir.
3. Kazyýet çykyşlarynyň görnüşleri we bölünişigi, olaryň prosessual hereketleri amala aşyrlanda tutýan orny.

4. Kazyýet mejlisine gatnaşyjylar bilen gepleşik alyp barmagyň tertibi.

5. Kazyýetde ynadyrmak we täsir etmek sungaty.

Kazyýet çykyp geplemeleri birinji we ikinji basgançakly kazyýetlerde orny bar hem-de belli bir köpçülige niýetlenendir: kazyýete, prosesiň beýleki gatnaşyjylaryna we ähli kazyýetde bar bolanlara, ýagny kazyýet çykyp geplemeleri monologik çykyp geplemegiň jemagat (dilewar) görnüşi bolup durýar. Emma jemagat çykyp geplemeleri dine formasy boýunça monologik, özüniň mazmuny boýunça bolsa dialogiki bolup durýar. Prokuror we adwokat kazyýetlerde çykyp geplemeleri bilen çykyş edip, olar işiň dine kazyýet garalmagynyň jemlerini däl-de, eýsem ähli özüniň ozalky eden işiniň jemlerini jemleýär, subutnamalary barlaýar, iş boýunça öz durumyny, maslahat otagynda höküm, çözgüt, kesgitleme ýazylanda kazyýetiň jogap bermeli ähli soraglar boýunça öz pikirlerini beýan edýär. Kazyýet geplemelerini aýtmak olar üçin hem hünär hem-de iş ýörediş borjy bolup durýar.

Kazyýet geplemeleri - bu jenaýat ýa-da raýat işi garalanda kazyýet mejlisinde aýdylan we dilewaryň iş boýunça jemlemelerini we onuň beýleki dilewarlara garşylyklaryny beýan edýän kazyýete hem ähli gatriaşýanlara we beýleki bar bolanlara ýüzlenen jemagat çykyşydyr.

Kazyýet çykyp geplemeleri içki kazyýet ynamynyň emele gelmegine täsir edýär, kazyýete işiň ähli ; ýagdaýlaryny çuňňur aýdyňlaşdyrmaklyga, olary hemmetaraplaýyn, doly hem obýektiw derňemeklige, iş boýunça hakykaty anyklamaga we dogry çözgüt

çykarmaga kömek berýär.

Kazyýet çykyp geplemeleriň predmeti kazyýetiň belli bir jenaýat ya-da hukuk bozulma derňelip höküm, çözgüt ýa-da kesgitleme çykarlanda soraglary ýa-da edil şol berlen soraglar boýunça dogry emele gelmegine kazyýetlerdäki çykyşlaryň täsiri ýetýän kazynyň içki ynamynyň döremegi bolup durýar.

Jenaýat işleri boýunça birinji basgançakly kazyýetde kazyýet çykyp geplemeleriň predmetine şu aşakdakylar girýär:

1. işiň hakyky ýagdaýlary, olaryň syýasy-jemgyýetçilik bahalandyrylyşy

2. subutnamalary derňemek we olara baha bermek

3. anyklanan hakyky ýagdaýlaryň ýuridiki bahalandyrylyşy - jenaýatyň maddalaşdyrylyşy

4. kazyýete berleniň, zerur bolan halatlarda hem prosesiň beýleki gatnaşyjylarynyň şahsyýetiniň häsiýetnamasy

5. jenaýat jezany ýa-da ondan boşatmaklygy ulanmak bilen baglanyşykly soraglar

6. raýat hak islegini çözmek bilen baglanşykly soraglar

7. özüniň çözülmegini talap edýän başga soraglar

8. jenaýatyň amäla aşmagyna ýardam beren sebäpleriň we şertleriň derňelişi we olary aradan aýyrmak boýunça çäreler barasynda teklipler.

Raýat işleri boýunça birinji basgançakly kazyýetde kazyýet çykyp geplemeleriň predmeti bolup durýar:

1. iş üçin ähmiýeti bar bolan hakyky ýagdaýlar;

2. subutnamalara baba bermek;

3. berlen iş boýunça şol ýa-da başga kanuny ulanmak

barasyndaky teklipler;

4. işi çözmek boýunça teklipler;

5. esaslar bar ýerinde hususy kesgitleme çykarmaklyk barasyndaky teklipler Her bir kazyýet çykyp geplemeleriň mazmunyna onuň predmetini emele getirýän bölekleri hökman girýär. Şeýle ýägdaýlarda, kazyýet çykyp geplemeleriň predmeti hakyky we ýuridiki maglumatlary bolan onuň mazmunyny düzýär, ýagny mazmuny iki tarapy bolýar: biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly we bir bütewüligi emele getirýän hakyky we ýuridiki taraplar. Kazyýet çykyp geplemeleriň formasy bolsa, onuň daşky şekilini suratlandyrýar: gurluşy we aýdylyşy.

Nägilelik tertibinde işe garalanda kazyýet mejlisinde aýdylan kazyýet çykyp geplemeleriň predmetine şular girýär:

l) çözgüdiň ýa-da hökümiň dogrulydygynyň taňkydy ýa-da esaslandyrylyşy;

2) nägilelik şikaýatyň ýa-da garşylyknamanyň esaslandyrylyşy ýa-da olaryň taňkydy;

3) goşmaça maglumatlary derňemek we olara baha bermek;

4) belli bir çözgüdi girizmek barasyndaky teklipler (nägilelik kazyýetiň kesgitlemesi).

Kazyýet çykyşy kazyýet seljerişiniň düzüm bölegi, kazyýet çykyp geplemeleri bolsa öz gezeginde kazyýet çykyşlarynyň düzüm bölegi, ylaýtada iş ýörediş işi bolup durýar. Çykyp geplemeler-bu hem beýleki kazyýet dilewarlaryna garşylyk bildirýän kazyýet çykyp geplemeleridir. Kazyýet çykyp geplemeleriniň hem birinji basgançakly kazyýetde hem-de nägilelik tertibinde garaýan kazyýetde orny bar, şonuň üçin kazyýet çykyp

geplemeleriň düşünjesi kazyýet çykyşlarynyň düşünjesinden giňdir.

Garşylyknarşylyknamalar we şikaýatlar boýunça işlere garaýan ikinji basgançakly kazyýetde kazyýet çykyşlary bolmaýar, şonuň üçin kazyýet mejlisindäki çykyşlaryň mazmuny başga häsiýete eýedir we nägilelik kazyýetiň çykaran kesgitlemesiniň mazmuny, şeýle hem ikinji basgançakly kazyýete bildirilen nägilelik şikaýatyň ýa-da garşylyknamanyň mazmuny hem-de goşmaça maglumatlar bilen kesgitlenilýär.

Kazyýet çykyşlarynyň hökmany bölegi hökmünde kazyýet çykyp geplemesi täze faktlary we subutnamalary anyklamaýar; olarda dine kazyýet dilewaryň nukdaýnazar durumyndan faktlaryň aýdyňlaşdyrylyşy, olaryň düşündirilişi, şöhlelendirilişi berilýär. Kazyýet çykyşlaryna gatnaşýanlar kazyýetde gürrüň etmek predmeti bolmadyk subutnamalara wgjagdaýlara salgylanmaga hukugy ýokdur. Şeýdip. kazyýet çykyşlary kazyýet çykyp geplemeleriň beýleki görnüşlerinden tapawutlanýarlar, ýagny çykyp geplemelerde prokuror we adwokat tarapyndan nägilelik tertibinde bildirilip derňelýän goşmaça materiallar görnüşinde täze maglumatlaryň JDolmagy mümkin çykyşlar).

Kazyýet mejlisinde jenaýat we raýat işlerine garamak boýunça kazyýet çykyp geplemeleriň şuaşakdaky görnüşlerini bölmek bolar:

1) jenaýat işleri boýunça birinji basgançakly kazyýetde prokuroryň çykyşy (aýyplaw çykyşy we aýypdan ýüz döndermekdäki çykyşy);

2) jenaýat işleri boýunça birinji basgançakly kazyýetde adwokatyň çykyşy (goramak çykyşy we heläkçilik çekeniň,

raýat hak isleýjiniň we raýat jogap berijiniň wekilleriniň - adwokatlaryň çykyşy);

3) özüni goramak üçin kazyýete berleniň çykyşy (öz-özüňi goramak çykyşy);

4) heläkçilik çekeniň we onuň wekiliniň çykyşy;

5) raýat hak isleýjiniň we raýat jogap berijiniň ýa-da olaryň wekilleriniň çykyşy (jenaýat işleri boýunça raýat hak isleýişiň çäklerinde);

6) raýat işleri boýunça hak isleýjiniň we jogap berijiniň hem-de olaryň wekilleriniň çykyşy);

7) raýat işleri boýunça birinji basgançakly kazyýetde prokuroryň we adwokatyň çykyşy;

8) jenaýat we raýat işleri boýunça ikinji basgançakly kazyýetde prokuroryň we adwokatyň çykyşy;

9) raýat işleri boýunça jemgyýetçilik guramalaryň we zähmet kollektiwleriniň wekilleriniň çykyşy;

10) çykyşyň aýratyn görnüşi hökmünde çykyp geplemek.

Edil şu çykyp geplemelerde seljerilýän iş boýunça kazyýet mejlisine gatnaşýanlaryň netijeleri beýän edilýär, olaryň iş ýörediş pozisiýalary esaslandyrylýar, subutnamalar derňelýär we olara baha berilýär, kazyýete bolan haýyşnamalar ýüze çykýar. Islendik dilewarlyk çykyp geplemesi, şol sanda hem kazyýet çykyp geplemesi çykyp geplemek işini göz öňüne getirýär; onuň maksady zerur ugurda diňleýjilere täsir edip bolýan beýän ertmekligi gurnamak bolup durýar. Geplemek arkaly täsir etmegiňjie görnüşini tapawutlandyrýarlar: habar bermek, ynandyrmak, pikir döretmek. Prokuror hem adwokat kazyýet çykyp geplemeleri bilen çykyş edip, kazyýete we beýleki diňleýjilere täsir etmekligi isläp, täsir etmegiň berlen

görnüşlerinden giňden peýdalanýarlar. Olar deň derejede geplemek arkaly täsir etmegiň ähli üç görnüşini peýdalanýarlar.

Kazyýet çykyp geplemeleriň dine aňa däl-de, eýsem köpçüligiň (kazyýet we galan diňleýjiler) duýgularyna ýüzlenendigi sebäpli, olarda habar bermek bilen bir hatarda özara baglanyşykly, bilelikde hereket edýän, biri-biriniň üstüni dolýan ynandyrmakdan hem-de pikir döretmekden peýdalanylýar. Emma kazyýet çykyp geplemek işinde täsir etmegiň esasy görnüşi, şonuň ýaly hem onuň maksady, hukukçynyň işiniň esasy bolup hyzmat edýän argumentler, faktlar, subutnamalar bilen berkidilen we diňleýjilere ýüzlenen durnukly häsiýete eye bolan ynandyrmakdyr.

Kazyýet çykyp geplemek - bu dine çykyp geplemegiň däl-de, eýsem kanun bilen berk laýyklykda bolan iş ýörediş işiniň hem görnüşidir, sebäbi onuň maksady kanunyň talaplary bilen hem kesgitlenilýär.

Prokuroryň we adwokatyň kazyýet çykyşynyň maksatlarynyň biri raýatlaryň ideologiki, hukuk hem ahlak terbiýeleýiş bolupdurýar. Kazynyň içki ynanjynyň dogry emele gelmegine ýardam bermäge borçlanýan kazyýet dilewarynyň öňünde duran -wajyp maksadyň iş boýunça hakykaty anyklamaga ýardam bermeklikde jemlenýär. Prosesde muňa ähli hünärmen hukukçynyň, şol sanda, hem prokuroryň we adwokatyň işi ugrukdyrylandyr. Hakykaty anyklamaklyk işiň dogry çözülmegi üçin zerurdyr, diýmek, kazyýet çykyşlary işiň dogry çözülmegine kömek edýär, ýöne olarda belli bir çözülişiň özbaşdak maksady bolup bilmez, ýagny işi çözmeklige dine kazyýetiň hukugy bardyr.

Kazyýet çykyp geplemeleriň umuhiy maksady - bu

hakykatyň anyklanmagyna ýardam bermek we raýatlary terbiýelemekdir.

Özüniň iş ýörediş ähmiýeti boýunça kazyýet çykyp geplemesi kazyýet seljerişiniň gatnaşyjylarynyň öz hukuklaryny we borçlaryny durmuşa geçirýän hukuk namasy bolup durýar. Prokuror, adwokat, heläkçilik çeken we beýlekiler özleriniň çykyp geplemelerinde olaryň mazmunyny kesgitleýän iş boýunça pozisiýany esaslandyrýar. Olaryň her biri özüniň iş ýörediş ýagdaýyna we işiň anyk materiallary bilen laýyklykda pozisiýalary saýlaýarlar. iş ýörediş pozisiýasy - bu özüniň iş ýörediş işiniň dowamynda kazyýet çykyp geplemelerde onuň pozisiýasynyň gutarnykly şekilini alyp, garalýan iş boýunça prosese gatnaşyjylaryň netij eleridir.

Prokuror kazyýetde jenaýat işlere garalanda kanunylygyň berjaý edilişine gözegçilik wezipesini ýerine ýetirmek bilen özüniň çykyşynda bildirilen aýybyň dogrulylygyny esaslandyrýar ýa-da ondan ýüz dönderýär, jenaýatyň amala aşmagyna ýardam beren sebäpleriň we şertleriň üstüni açýar we ş. m.

Adwokat goramak sözi bilen çykyş edip, goramak nukdaýnazaryndan jenaýatyň amala aşmagyna ýardam beren subutnamalaryna, sebäplerine we şertlerine özüçe baha berýär, ýagny goramaklygyň jenaýat iş ýörediş wezipesini ýerine ýetirýär.

Kazyýet mejlisine gatnaşyjylar işiň garalmagyna gatnaşýan ýa-da onuň bilen gyzyklanýan kazyýet mejlisiniň zalyndaky adamlaryň möçberi bolýar.

Kazyýet mejlisine gatnaşyjylaryň ünsüni, şol bir wagtda kazyýet çykyp geplemeleriň aýdyňlygynyň serişdeleri, onuň duýgy täsir edilişiniň güýjemegi bolup

durýan şu aşakdaky usullar bilen çekip hem saklap bolýar.

1. *Diňleýjilerden üns bermegi göni talap etmek*. Mysal üçin, "Hormatly Kazyýet! Gulak asmagyňyzy haýyş edýärin!", "Muňa üns beriň", "Şu ýagdaýa men ýene-de bir gezek Siziň ünsüňizi çekýärin" we ş. m. .

2. *Säginmek*. Eger-de kazyýet dilewary onuň diňlenilmeýändiklerini ýa-da dykkatsyz diňlenýändiklerini anyklasa, onda ol çykyp geplemegiň mazmunyny beýan etmegini bes edýär, bu bolsa çykyş edýäne ünsi çekýär. Ondan başga-da, säginmek onuň yzyndan boljagyň esasydygyny bellemäge mümkinçilik berýär.

3. *Ses usullary*. Gatnaşyjylaryň ünsüni işjeňleşdirmek üçin dilewar sesini gataldýar ýa-da peseldýär, çykyp geplemeginiň çaltlygyny üýtgedýär. Şol ýa-da başga sözüň ähmiýetini aýratyn bellemegi isläp, kazyýet dilewary ony haýal, sesli, dürs, çekimlileri uzaldyp, ses (äheň) bilen aýratyn sözleri bellemek üçin aýdýar.

4. *Çykyp geplemegiň mazmuny bilen baglanyşykly sorag bilen diňleýilere ýüzlenmek,* Şeýle soraglar gatnaşyjylaryň ünsüni güýçlendirýär we işjeňleşdirýär.

5. *Soňra diýmeliler barasynda öňünden aýtmak.*

6. *Pikiriň duýdansyz kesilmegi,* ýagny haçanda dilewar diňleýjiler üçin duýdansyz başlan pikirini kesýär.

7. *Dil aýdyňlygynyň serişdeleri* (nakyllar, atalar sözleri, nurana şekiller, gülki).

8. *El hereketi we hereket*, aýratynda beýleki usullar bilen sazlaşykda aýdylanlar barasynda ünsüni jemlemäge kömek edýär.

Kazyýet gatnaşyjylary bilen gepleşigi alyp baryp, dilewar kazyýetiň onuň delilleri bilen razylaşmagy we özüniň razyçylygyny hökümde ýa-da çözgütde görkezmegi

üçin jan edýär, şeýle hem dilewar üçin onuň baş maksady bilen gatnaşyjylary galkyndyrmak wajypdyr. Hatda aýdylandan son kazyýet çykyp geplemeleri kazylara maslahat otagynda hem psihologiki soňky täsir etmesini ýetirmelidir. Tersine bolanda, dilewar öňünde,goýlan hakykaty anyklamaklyga we işiň dogry çözülmegine ýardam bermek maksadyna ýetmezdi.

Diňleýjilere zerur bolan täsiri ýetirmek üçin kazyýet dilewary dil, mimika, el hereketleri ýaly gepleşik alyp barmagyň serişdelerini we görnüşlerini peýdalanýar. Kazyýet dilewarçylyk gepleşik alyp barmagyň sebäpleri kazyýet seljerişine gatnaşýanlar tarapyndan amala aşyrylýan wezipeleri, şeýle hem kazyýet önümçiliginiň umumy meseleleri bilen kesgitlenilýär. Şol sebäpler bütinleý jemgyýetiň bähbitleri we maksatlary bilen baglanyşyklydyr.

## Tema 5: Kazyýet çykyp geplemelerine taýýarlyk

1. Jenaýat işiniň maglumatlaryny öwrenmek.
2. Kazyýet çykyş etmek.
3. Kazyýet çykyşynyň giriş bölegi we jemleýiş bölegi.
4. Kazyýetde çykyş etmegiň medeniýeti we pikiriňi beýan etmegiň tertibi.

Prokuror kazyýetde çykyşa taýarlyk görmek üçin jenaýat işiniň ähli materiallaryny doly öwrenmelidir. Sülçi aýyplaw netijenamasyny düzenden son işi prokurora iberýär. Her bir aýyplanýana berilmeli aýyplaw netijenamasyny göçürilen nusgasy iş bilen bilelikde iberilýär.

Prokuror iş bilen tanyşanda, anyklaýyş ýa-da deslapky

derňew geçirilen mahalynda Türkmenistanyň JIÝK-ň 325-nji maddasynyň ähli talaplaryny berjaý edilendigini we şu aşakdaky ýagdaýlara aýratyn üns bermelidir.

**325-nji madda. Aýyplaw netijenamasy bilen bilelikde gowşan iş boýunça prokuroryn çözmeli meseleleri**

Prokuror iş bilen tanşanda, anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirilen mahalynda şu Kodeksiň ähli talaplarynyň berjaý edilendigini barlamalydyr we şu aşakdakylara aýratyn üns bermelidir:

1. aýyplanýana ýüklenýän etmiş edilipmi we şu etmişde jenaýatyň düzümi barmy;
2. işde onuň ýatyrylmagyna eltýän ýagdaýlar ýokmy;
3. anyklaýyş ýa-da deslapky derňew hemmetaraplaýyn, doly we dogry geçirilipmi;
4. bildirilen aýyp işde bar bolan subutnamalar bilen esaslandyrylypmy;
5. aýyplawy tassyklaýan subutnamalary toplamagyň şu Kodeksde kesgitlenen tertibi berjaý edilipmi;
6. aýyplanýanyň etmişleri barada jenaýat kanuny dogry ulanylypmy;
7. aýyplanýanyň anyklaýyş ýa-da deslapky derňew netijesinde anyklanan jenaýatly etmişleriniň hemmesi boýunça aýyp bildirilipmi;
8. toplanan subutnamalar esasynda jenaýat etmekde paş edilen ähli adamlar aýyplanýanlar hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilipmi;
9. aýyplaw netijenamasy işde bar bolan subutnamalara laýyk gelýärmi;
10. ätiýaçsyzlandyryş çäresi dogry saýlanyp alnypmy

we işde ony üýtgetmek ýa-da ýatyrmak üçin esaslar barmy;

11. raýat hak islegini ýa-da emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün etmek barada çäreler görlüpmi;

12. jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpler we şertler ýüze çykarylypmy we şolary aradan aýyrmak üçin çäreler görlüpmi;

13. anyklaýyş ýa-da deslapky derňew edaralary tarapyndan şu Kodeksiň beýleki ähli talaplary berjaý edilipmi.

**326-njy madda. Aýyplaw netijenamasy bilen bilelikde gowşan iş boýunça prokuroryň çözgütleri**

1. Prokuror aýyplaw netijenamasy bilen bilelikde gowşan işe bäş gije- gündizden uzaga çekdirmän seretmäge we şol iş boýunça aşakdaky çözgütleriň birini kabul etmäge borçludyr:

1) aýyplaw netijenamasyny tassyklamalydyr we aýyplanýanyň işini kazyýete ibermelidir;

2) goşmaça derňew geçirmek üçin öz ýazyp beren görkezmeleri bilen işi anyklaýyş edarasyna ýa-da sülçä gaýtarmalydyr;

3) eger ýeterlik esas bar bolsa, iş boýunça önümçiligi ýatyrmak hakynda delillendirilen karar çykaryp, ony ýatyrmalydyr.

2. Prokuror kazyýet mejlisine çagyrylmaly adamlaryň aýyplaw netijenamasynyň ýanyna goşulan sanawyny üýtgetmäge, şeýle hem ozal saýlanyp alnan ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmaga, üýtgetmäge ýa-da, eger ätiýaçsyzlandyryş çäresi ozal saýlanyp alynmadyk bolsa, ony saýlap almaga haklydyr. Ätiýaçsyzlandyryş

çäresi ýatyrylan, üýtgedilen ýa-da tussag etmek görnüşinde saýlanyp alnan halatynda, prokuror şu Kodeksiň 154-nji maddasynyň bäşinji böleginde göz öňünde tutulan düzgünlere goldanýar.

3. Aýyplaw netijenamasy şu Kodeksiň 322-nji maddasynyň talaplaryna laýyk gelmedik halatynda, prokuror özüniň ýazmaça, görkezmeleri bilen işi aýyplaw netijenamasyny gaýtadan düzmek üçin anyklaýyş edarasyna ýa-da sülçä gaýtarmaga haklydyr.

4. Aýyplaw netijenamasyny tassyklamak hukugy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda wezipä bellenilen prokurora degişlidir, ýöne olaryň şu ygtyýarlaryny amala aşyrmaga päsgel berýän ýagdaýlar ýüze çykan mahalynda, aýyplaw netijenamasyny dine ýokarky prokuror tassyklap biler.

**327-nji madda. Aýyplaw netijenamasy prokuror tarapyndan tassyklanan mahalynda ýüklenýän aýyby üýtgetmek**

1. Prokuror özüniň delillendirilen karary bilen aýyplaw netijenamasyndan ýüklenýän aýyplaryň aýry-aýry böleklerini aýyrmaga hem-de has ýeňil jenaýat hakyndaky kanuny ulanmaga haklydyr. Şunda zerur bolan halatynda, täze aýyplaw netijenamasy düzülýär.

2. Eger ýüklenýän aýyby has agyr aýyplaw bilen çalşyrmak ýa-da hakykat ýüzündäki ýagdaýlar boýunça ilkibaşdaky aýypdan düýpli tapawutlanýan aýyplaw bilen çalşyrmak zerur bolsa, prokuror täze aýyby bildirmek üçin işi anyklaýyş edarasyna ýa-da sülçä yzyna gaýtarýar.

**328-nji madda. Prokuroryň täze aýyplaw netijenamasyny düzmegi**

Eger täze aýyplaw netijenamasynyň düzülmegi aýyplawyň üýtgedilip, has agyr aýyplaw bilen çalşyrylmagyna eltmeýän bolsa, prokuror işi goşmaça derňewe ibermän, täze aýyplaw netijenamasyny düzmäge haklydyr. Şunda ozal düzülen aýyplaw netijenamasy işiň içinden aýrylýar.

**329-njy madda. Prokuroryň işi kazyýete ibermegi**

1. Prokuror aýyplaw netijenamasyny tassyklaýar ýa-da täze aýyplaw netijenamasyny düzýär. Prokuror aýyplaw netijenamasynyň göçürilen nusgasyny aýyplanýana ondan dil haty almak bilen gowşurýar, eger aýyplanýan tussaglykda saklanylýan bolsa, dil haty almak bilen gowşurmak üçin aýyplaw netijenamasynyň göçürilen nusgasyny gabawhananyň ýolbaşçylygyna berýär we işi kazyýete degişliligi boýunça iberýär.

2. Jenaýat işini kazyýete iberen prokuror şol jenaýat işi kazyýetiň önümçiligine alynmanka ony yzyna almaga haklydyr.

3. Işiň haçan we haýsy kazyýete iberilendigi hakynda aýyplanýan, adwokat, jebir çeken we onuň wekilleri, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri prokuror tarapyndan habarly edilýär.

4. Iş kazyýete iberilenden son, iş boýunça bildirilen haýyşlar we şikaýatlar gös-göni kazyýete iberilýär.

**356-njy madda. Kazyýet seljerişine döwlet aýyplaýjysynyň gatnaşmagy**

1. Jebir çekeniň şikaýaty esasynda gozgalmaga degişli

jenaýat işlerinden başga işler boýunça kazyýet seljerişiniň başyndan döwlet aýyplaýjysy hökmünde prokuroryň gatnaşmagy hökmandyr.

2. Çylşyrymly we köp hadysaly işler boýunça döwlet aýyplawyny birnäçe döwlet aýyplaýjysy goldap biler.

3. Eger kazyýet seljerişine döwlet aýyplaýjysynyň gatnaşmagyny dowam edip bilmezligi ýüze çyksa, onda ol çalşyrylyp bilner. Işe täze döwlet aýyplaýjysynyň girişmegi kazyýetde şol wagta çenli geçirilen hereketleriň gaýtalanmagyna getirmeýär, ýöne döwlet aýyplaýjysynyň haýyşy boýunça kazyýet oňa işiň materiallary bilen tanyşmaga wagt berip biler.

4. Döwlet aýyplaýjysy subutnamalary getirýär we olaryň barlanmagyna gatnaşýar, aýyplawyň düýp manysy boýunça, şeýle hem kazyýet seljerişiniň dowamynda ýüze çykýan başga meseleler boýunça kazyýete öz pikirini beýan edýär, kazyýete jenaýat kanunynyň ulanylmagy we kazyýetde işi seredilýäne jezanyň bellenilmegi hakyndaky tekliplerini berýär.

5. Eger raýatlaryň hukuklarynyň, döwlet ýa-da jemgyýetçilik bähbitleriniň goralmagyny talap edýän bolsa, döwlet aýyplaýjysy iş boýunça raýat hak islegini bildirýär ýa-da bildirilen hak islegi goldaýar.

6. Döwlet aýyplaýjysy aýyplawy goldanda kanunyň talaplaryndan we işiň ähli ýagdaýlarynyň seredilmeginiň netijelerine esaslanýan öz içki ynam-ygtykadyndan ugur alýar. Döwlet aýyplaýjysy, eger kazyýetde işi seredilýäniň ýagdaýy ýaramazlaşdyrylmaýan we onuň özüni goramak hukugy bozulmaýan bolsa, aýyplawy üýtgedip biler. Döwlet aýyplaýjysy kazyýet seljerişinde aýyplaw tassyk bolmady diýen netijä gelen halatynda, ol aýyplawdan doly

ýa-da bölekleýin ýüz döndermäge we bu babatda kazyýete öz delillerini beýan etmäge borçludyr.

7. Uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlar boýunça kazyýetde işi seredilýän barada döwlet aýyplaýjysy şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde we 34-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-inji, 2-nji we 3-nji bentlerinde görkezilen esaslar boýunça aýyplawdan ýüz dönderen halatynda, eger jebir çeken hem aýyplawdan ýüz dönderen bolsa, kazy ýa-da kazyýet öz karary ýa-da kesgitnamasy bilen işi ýatyrýar. Eger jebir çeken aýyplawy goldamagy dowam edýän bolsa, onda kazyýet seljerişi dowam edýär we işi umumy tertipde çözýär. Şeýle ýagdaýda döwlet aýyplaýjysy işe mundan beýläk gatnaşmakdan boşadylýar, aýyplawy bolsa jebir çekeniň özi ýa-da onuň wekili goldaýar. Kazyýet wekil çagyrmak üçin jebir çekene wagt bermelidir.

## Tema 6: Birinji basgançakly kazyýetde jenaýat işleri

**boýunça prokuroryň çykyşy.**

1. Prokuroryň aýyplaw çykyşy barada düşünje.
2. Subutnamalara baha bermek.
3. Jenaýaty maddalaşdyrmak.
4. Kazyýetde işi seredilýäniň we jebir çekeniň' şahsyýetine baha bermek.

**71-nji madda. Prokuror**

Prokuror öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde jenaýat işleriniň kanuna laýyk gozgalmagyny üpjün edýär hem-de operatiw-agtaryş, anyklaýyş we deslapky derňew edaralary tarapyndan iş ýörediş hereketleri geçirilen mahalynda kanunlaryň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýan wezipeli adamdyr.

**72-nji madda. Jenaýat işi boýunça kazyýete çenli önümçilikde prokuror gözegçiligi**

1. Jenaýat işi boýunça kazyýete çenli önümçilikde kanunlaryň takyk hem birmeňzeş ýerine ýetirilmegine gözegçiligi Türkmenistanyň Baş prokurory hem-de oňa tabyn prokurorlar amala aşyrýarlar.

2. Prokuror jenaýat işi boýunça kazyýete çenli önümçiligiň dowamynda kanunyň kim tarapyndan bozulýandygyna garamazdan, kanunyň her hili bozulmalaryny ýok etmek üçin kanunda göz öňünde tutulan çäreleri öz wagtynda görmäge borçludyr.

3. Jenaýat işi boýunça kazyýete çenli önümçilikde prokuror öz ygtyýarlaryny hiç hili edaralara hem-de wezipeli adamlara garaşsyzlykda, dine kanuna tabyn bolmak bilen amala aşyrýar.

4. Prokuroryň kanunalaýyk çykaran çözgütlerini ýerine ýetirmek ähli edaralar, kärhanalar, guramalar, wezipeli adamlar, raýatlar üçin hökmanydyr.

**325-nji madda. Aýyplaw netijenamasy bilen bilelikde gowşan iş boýunça prokuroryň çözmeli meseleleri**

Prokuror iş bilen tanşanda, anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirilen mahalynda şu Kodeksiň ähli talaplarynyň berjaý edilendigini barlamalydyr we şu aşakdakylara aýratyn üns bermelidir:

1. aýyplanýana ýüklenýän etmiş edilipmi we şu etmişde jenaýatyň düzümi barmy;
2. işde onuň ýatyrylmagyna eltýän ýagdaýlar ýokmy;
3. anyklaýyş ýa-da deslapky derňew hemmetaraplaýyn, doly we dogry geçirilipmi;
4. bildirilen aýyp işde bar bolan subutnamalar bilen esaslandyrylypmy;
5. aýyplawy tassyklaýan subutnamalary toplamagyň şu Kodeksde kesgitlenen tertibi berjaý edilipmi;
6. aýyplanýanyň etmişleri barada jenaýat kanuny dogry ulanylypmy;
7. aýyplanýanyň anyklaýyş ýa-da deslapky derňew netijesinde anyklanan jenaýatly etmişleriniň hemmesi boýunça aýyp bildirilipmi;
8. toplanan subutnamalar esasynda jenaýat etmekde paş edilen ähli adamlar aýyplanýanlar hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilipmi;
9. aýyplaw netijenamasy işde bar bolan subutnamalara laýyk gelýärmi;
10. ätiýaçsyzlandyryş çäresi dogry saýlanyp alnypmy

we işde ony üýtgetmek ýa-da ýatyrmak üçin esaslar barmy;

11. raýat hak islegini ýa-da emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün etmek barada çäreler görlüpmi;

12. jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpler we şertler ýüze çykarylypmy we şolary aradan aýyrmak üçin çäreler görlüpmi;

13. anyklaýyş ýa-da deslapky derňew edaralary tarapyndan şu Kodeksiň beýleki ähli talaplary berjaý edilipmi.

**326-njy madda. Aýyplaw netijenamasy bilen bilelikde gowşan iş boýunça prokuroryň çözgütleri**

1. Prokuror aýyplaw netijenamasy bilen bilelikde gowşan işe bäş gije- gündizden uzaga çekdirmän seretmäge we şol iş boýunça aşakdaky çözgütleriň birini kabul etmäge borçludyr:

1) aýyplaw netijenamasyny tassyklamalydyr we aýyplanýanyň işini kazyýete ibermelidir;

2) goşmaça derňew geçirmek üçin öz ýazyp beren görkezmeleri bilen işi anyklaýyş edarasyna ýa-da sülçä gaýtarmalydyr; i

3) eger ýeterlik esas bar bolsa, iş boýunça önümçiligi ýatyrmak hakynda delillendirilen karar çykaryp, ony ýatyrmalydyr.

2. Prokuror kazyýet mejlisine çagyrylmaly adamlaryň aýyplaw netijenamasynyň ýanyna goşulan sanawyny üýtgetmäge, şeýle hem ozal saýlanyp alnan ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmaga, üýtgetmäge ýa-da, eger ätiýaçsyzlandyryş çäresi ozal saýlanyp alynmadyk bolsa, ony saýlap almaga haklydyr. Ätiýaçsyzlandyryş

çäresi ýatyrylan, üýtgedilen ýa-da tussag etmek görnüşinde saýlanyp alnan halatynda, prokuror şu Kodeksiň 154-nji maddasynyň bäşinji böleginde göz öňünde tutulan düzgünlere goldanýar.

3. Aýyplaw netijenamasy şu Kodeksiň 322-nji maddasynyň talaplaryna laýyk gelmedik halatynda, prokuror özüniň ýazmaça görkezmeleri bilen işi aýyplaw netijenamasyny gaýtadan düzmek üçin anyklaýyş edarasyna ýa-da sülçä gaýtarmaga haklydyr.

4. Aýyplaw netijenamasyny tassyklamak hukugy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda wezipä bellenilen prokurora degişlidir, ýöne olaryň şu ygtyýarlaryny amala aşyrmaga päsgel berýän ýagdaýlar ýüze çykan mahalynda, aýyplaw netijenamasyny dine ýokarky prokuror tassyklap biler.

**327-nji madda. Aýyplaw netijenamasy prokuror tarapyndan tassyklanan mahalynda ýüklenýän aýyby üýtgetmek**

1. Prokuror özüniň delillendirilen karary 'bilen aýyplaw netijenamasyndan ýüklenýän aýyplaryň aýry-aýry böleklerini aýyrmaga hem-de has ýeňil jenaýat hakyndaky kanuny ulanmaga haklydyr. Şunda zerur bolan halatynda, täze aýyplaw netijenamasy düzülýär.

2. Eger ýüklenýän aýyby has agyr aýyplaw bilen çalşyrmak ýa-da hakykat ýüzündäki ýagdaýlar boýunça ilkibaşdaky aýypdan düýpli tapawutlanýan aýyplaw bilen çalşyrmak zerur bolsa, prokuror täze aýyby bildirmek üçin işi anyklaýyş edarasyna ýa-da sülçä yzyna gaýtarýar.

**329-njy madda. Prokuroryň işi kazyýete ibermegi**

1. Prokuror aýyplaw netijenamasyny tassyklaýar ýa-da täze aýyplaw netijenamasyny düzýär. Prokuror aýyplaw netijenamasynyň göçürilen nusgasyny aýyplanýana ondan dil haty almak bilen gowşurýar, eger aýyplanýan tussaglykda saklanylýan bolsa, dil haty almak bilen gowşurmak üçin aýyplaw netijenamasynyň göçürilen nusgasyny gabawhananyň ýolbaşçylygyna berýär we işi kazyýete degişliligi boýunça iberýär.

2. Jenaýat işini kazyýete iberen prokuror şol jenaýat işi kazyýetiň önümçiligine alynmanka ony yzyna almaga haklydyr.

3. Işiň haçan we haýsy kazyýete iberilendigi hakynda aýyplanýan, adwokat, jebir çeken we onuň wekilleri, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri prokuror tarapyndan habarly edilýär.

4. Iş kazyýete iberilenden son, iş boýunça bildirilen haýyşlar we şikaýatlar gös-göni kazyýete iberilýär.

## Tema 7 : Birinji basgançakly kazyýetde jenaýat işleri boýunça adwokatyň çykyşy.

1. Birinji basgançakly kazyýetde jenaýat işleri boýunça adwokatyň çykyşy barada düşünje
2. Adwokatyň çykyşy we onuň ähmiýeti
3. Subutnamalara baha bermek
4. Kazyýetde işi seredilýäniň we jebir çekeniň

şahsyýetine baha bermek

5. Raýat hak isleýjisiniň, jogap berijisiniň we jebir çekeniň wekili hökmünde çykyş etmegi.

**81-nji madda. Jenaýat kazyýet önümçiligine adwokatyň gatnaşmagy.**

1. Adamyň güman edilýän hökmünde sorag edilen, jenaýat etmekde güman edilip tutulyp saklanylan, aýyp bildirilen pursadyndan ýa-da aýyp bildirilýänçä ol barada tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan halatynda bolsa, tutulyp saklanylan ýa-da tussag edilen pursadyndan başlap ýigrimi dört sagatdan gijä goýman şol adama tutup saklamagyň teswirnamasynyň ýa-da şol ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ulanylandygy hakyndaky kararyň yglan edilen pursadyndan başlap adwokat işe gatnaşmaga goýberilýär.

2. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň ýa-da jebir çekeniň kanuny bähbitlerini goraýan hökmünde adwokatlar, şeýle hem jemgyýetçilik birleşikleriniň wekilleri - şu birleşikleriň agzalarynyň işleri boýunça çykyş edip bilerler. Adwokat hökmünde kanuny bähbitleri goralýanyň ýakyn garyndaşlary we beýleki wekilleri hem işe gatnaşdyrylyp bilner.

3. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň birini aklamagyň bähbitleri beýlekileri aklamagyň bähbitlerine çapraz gelýän halatynda bir adwokat şol birwagtyň özünde olaryň ikisiniň ýa-da birnäçesiniň kanuny bähbitlerini gorap çykyş edip bilmez.

4. Adwokat işe gatnaşmak üçin güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän tarapyndan,

olaryň kanuny wekilleri, şeýle hem güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň tabşyrygy boýunça ýa-da olaryň razylygy bilen başga adamlar tarapyndan çagyrylýar. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň haýyşy boýunça adwokatyň işe gatnaşmagy anyklaýjy, sülçi, prokuror ýa-da kazyýet tarapyndan üpjün edilýär.

5. Güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän tarapyndan saýlanyp alnan adwokatyň şu Kodeksde bellenen möhletde işe gatnaşmagy mümkin bolmadyk halatlarynda anyklaýjy, sülçi, prokuror ýa-da kazyýet güman edilýäne, aýyplanýana ýa-da kazyýetde işi seredilýäne işe seretmek üçin başga adwokat teklip etmäge, ýa-da hukuk maslahathanasynyň üsti bilen adwokat bellemäge haklydyr.

6. Hukuk maslahathanasynyň müdiri ýa-da adwokatlar geňeşiniň müdiriýeti güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň kanuny bähbitlerini goramagy amala aşyrmak üçin adwokat ibermäge borçludyr. Adwokatyň hukuk kömeginiň tölegi şu Kodeksiň 200-nji maddasynda göz öňünde tutulýar.

**82-nji madda. Adwokatyň gatnaşmagynyň hökmanylygy.**

1. Anyklaýyş, deslapky derňew geçirilende we kazyýet seljerişinde şu aşakdaky işler boýunça adwokatyň gatnaşmagy hökmanydyr:

1) güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän bu barada haýyş eden mahalynda;

2) kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça;

3) lallaryň, kerleriň, körleriň we beden ýa-da akyl

taýdan ýetmezçilikleri zerarly özlerini goramak hukugyny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän adamlaryň işleri boýunça;

4) aýyplanýany ýatymlaýyn psihiatriýa bilermenler seljermesine ugratmak hakyndaky meselä seredilen mahalynda;

5) kazyýet önümçiliginiň ýöredilýän dilini bilmeýänleriň we sowatsyzlaryň işleri boýunça;

6) goralýan bähbitleri biri-birine çapraz gelýän adamlaryň işleri boýunça, eger olaryň haýsydyr biriniň adwokaty bar bolsa;

7) anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazyýet ýa-da kazy, jenaýat eden mahaly kämillik ýaşyna ýetmedik, ýöne anyklaýşyň, deslapky derňewiň ýa-da kazyýet seljerişiniň dowamynda kämillik ýaşyna ýeten adamlaryň işleri boýunça we şu maddanyň 3-nji bendinde görkezilen sebäplerden beýleki sebäplere görä özlerini goramak hukugyny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän ýa-da amala aşyrmakda kynçylyk çekýän adamlaryň işleri boýunça adwokatyň işe gatnaşmagyny zerur hasap edende;

8) aýratyn agyr jenaýatlary etmekde güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän adamlaryň işleri boýunça;

9) aýyplanýan barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek ulanylan mahalynda;

10) lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakyndaky işler boýunça;

11) işiň kazyýetde seljerilmegine döwlet aýyplaýjysy gatnaşanda.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň 1-5-nji bentlerinde göz öňünde tutulan halatlarda şu Kodeksiň 81-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen pursadyndan we

şu maddanyň birinji böleginiň 6-8-nji bentlerinde göz öňünde tutulan halatlarda aýyp bildirilen pursadyndan, 10-njy bendinde göz öňünde tutulan ýagdaýynda akyl taýdan näsaglygynyň ýüze çykarylan pursadyndan başlap adwokatyň işe gatnaşmagy hökmanydyr.

3. Adwokatyň işe hökmany gatnaşmaly ýagdaýlarynda adwokat güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň özi tarapyndan ýa-da onuň razylygy bilen başga adamlar tarapyndan çagyrylmadyk bolsa, onda anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazyýet ýa-da kazy işe adwokatyň gatnaşmagyny üpjün etmäge borçludyr.

4. Şu maddanyň birinji böleginiň 6,8,9,11-nji bentlerinde görkezilen ýagdaýlarda adwokatdan ýüz dönderilmegi kabul edilip bilner.

**83-nji madda. Adwokatdan ýüz döndermek**

1. Güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän iş boýunça önümçiligiň islendik pursadynda adwokatdan ýüz döndermäge haklydyr. Şunuň ýaly ýüz döndermäge güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň dine öz başlangyjy boýunça ýol berilýär we munuň özi döwlet aýyplaýjysynyň, şonuň ýaly-da beýleki güman edilýänleriň, aýyplanýanlaryň, kazyýetde işi seredilýänleriň adwokatlarynyň işe gatnaşmagyny do warn etmegi üçin päsgelçilik bolup bilmez.

2. Adwokatdan ýüz dönderilen halatynda anyklaýjy, sülçi we prokuror bu barada teswirnama düzýär, kazy karar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

3. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň maddy ýagdaýy sebäpli adwokatdan ýüz döndermegi kabul edilmeýär. Şu Kodeksiň 82-nji

maddasynyň birinji böleginiň 2-5, 7-nji we 10-njy bentlerinde görkezilen halatlarda olaryň adwokatyň kömeginden ýüz döndermegini kabul etmek anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet üçin hökman däldir.

4. Ozal bildirilen adwokatdan ýüz döndermek güman edilýäni, aýyplanýany, kazyýetde işi seredilýäni mundan beýläk adwokatyň gatnaşmagynda özüni aklamak hukugyndan mahrum etmeýär.

**355-nji madda. Kazyýet seljerişine adwokatyň gatnaşmagy**

1. Kazyýetde işi seredilýäniň adwokaty subutnamalary barlamaga gatnaşýar, aýyplawyň düýp manysy we onuň subut edilendigi hakynda, kazyýetde işi seredilýäniň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýa-da ony aklaýan ýagdaýlar hakynda, jeza çäresi hakynda, şeýle hem kazyýet seljerişinde ýüze çykýan başga meseleler boýunça kazyýete öz pikirini beýan edýär.

2. Adwokat gelmedik we şu kazyýet mejlisinde ony çalşyrmak mümkin bolmadyk halatynda, işi seljermek gaýra goýulýar. Kazyýet mejlisine gelmedik adwokaty çalşyrmak diňe kazyýetde işi seredilýäniň razylygy bilen mümkindir. Eger kazyýetde işi seredilýäniň çagyran adwokatynyň gatnaşmagy bäş günüň dowamynda mümkin bolmasa, onda kazyýet, kazyýetiň seljerişini gaýra goýmak bilen, kazyýetde işi seredilýäne başga adwokat saýlamagy teklip edýär, onuň şeýle etmekden ýüz dönderen halatynda bolsa, täze adwokaty özi belleýär.

3. Işe täze girişen adwokata kazyýet seljerişine gatnaşmaga taýýarlanmak üçin zerur bolan wagt berilýär. Ol kazyýet seljerişinde özüniň işe girişmeginden öň

geçirilen islendik hereketiň gaýtalanmagy barada haýyş etmäge haklydyr.

4. Adwokatyň kazyýet seljerişine gatnaşmagy, onuň hukuklary we borçlary şu Kodeksiň 81-85-nji maddalarynda kesgitlenýär.

**407-nji madda. Kazyýetde çykyp geplemeleriň mazmuny we tertibi**

1. Kazyýet derňewi tamamlanandan son ,başlyklyk ediji kazyýetiň kazyýetde çykyp geplemeleri diňlemäge geçýändigini yglan edýär.

2. Kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşyja onuň haýyşy boýunça kazyýetde çykyp geplemäge taýýarlanmak üçin wagt berilýär, şonuň üçin başlyklyk ediji kazyýet mejlisinde arakesme yglan edýär.

3. Kazyýetde çykyp geplemeler döwlet aýyplaýjysynyň, jebir çekeniň ýa-da onuň wekiliniň, raýat hak isleýjisiniň we raýat jogap berijisiniň ýa-da olaryň wekilleriniň, işe döwlet aýyplaýjysy gatnaşan halatynda, adwokatyň, adwokatyň ýoklugynda kazyýetde işi seredilýäniň sözlän sözlerinden ybaratdyr. Çykyp geplemeleriň yzygiderliligi iş ýöredişe gatnaşyjylaryň teklipleri boýunça kazyýet tarapyndan bellenýär, emma ähli halatlarda ilkinji bolup döwlet aýyplaýjysy çykyp gepleýär.

4. Eger döwlet aýyplawyny birnäçe döwlet aýyplaýjylary goldaýan bolsa, işe birnäçe jebir çekenler, adwokatlar, raýat jogap berijileri we olaryň wekilleri, raýat hak isleýjileri we olaryň wekilleri, kazyýetde işi seredilýänleriň birnäçesi gatnaşýan bolsa, onda başlyklyk ediji olara çykyp geplemeleriniň yzygiderliligini özara

ylalaşmak üçin wagt berýär. Zerur mahalynda onuň üçin kazyýet mejlisinde arakesme yglan edilip bilner. Eger agzalan adamlar kazyýetde çykyp geplemeleriň yzygiderliligi barada özara ylalaşyga gelmeseler, onda kazyýet olaryň pikirlerini diňläp, çykyp geplemeleriň yzygiderliligi hakynda kesgitnama çykarýar.

5. Kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşyjylaryň kazyýet mejlisinde barlanmadyk subutnamalara salgylanmaga haky ýokdur. Kazyýete täze subutnamalary getirmek zerurlygy ýüze çyksa, onda olar kazyýet derňewiniň täzeden başlanmagyny haýyş edip bilerler.

6. Kazyýet çykyp geplemeleriň dowamlylygyny belli bir wagt bilen çäklendirip bilmez, emma başlyklyk ediji seredilýän işe dahylly bolmadyk ýagdaýlara salgylanýan ýa-da kazyýet mejlisinde barlanmadyk subutnamalara esaslanyp kazyýetde çykyş edýän çykyp geplemelere gatnaşyjylary duruzmaga we bellik etmäge haklydyr.

7. Kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşyjylaryň hemmesi sözläp gutarandan soň, olaryň hersi ýene bir gezek replikalar bilen çykyş edip bilerler. Ähli halatlarda ahyrky replikany etmek hukugy kazyýetde işi seredilýäne we onuň adwokatyna degişlidir.

## Tema: 8 Prokuroryň we adwokatyň jenaýat işleri boýunça ikinji basgançakly kazyýetde çykyşy.

1. Prokuroryň jenaýat işleri boýunça ikinji basgançakly kazyýetde çykyşy.
2. Adwokatyň jenaýat işleri boýunça ikinji basgançakly kazyýetde çykyşy

**407-nji madda. Kazyýetde çykyp geplemeleriň mazmuny we tertibi**

1. Kazyýet derňewi tamamlanandan son ,başlyklyk ediji kazyýetiň kazyýetde çykyp geplemeleri diňlemäge geçýändigini yglan edýär.

2. Kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşyja! onuň haýyşy boýunça kazyýetde çykyp geplemäge taýýarlanmak üçin wagt berilýär, şonuň üçin başlyklyk ediji kazyýet mejlisinde arakesme yglan edýär.

3. Kazyýetde çykyp geplemeler döwlet aýyplaýjysynyň, jebir çekeniň ýa-da onuň wekiliniň, raýat hak isleýjisiniň we raýat jogap berijisiniň ýa-da olaryň wekilleriniň, işe döwlet aýyplaýjysy gatnaşan halatynda, adwokatyň, adwokatyň ýoklugynda kazyýetde işi seredilýäniň sözlän sözlerinden ybaratdyr. Çykyp geplemeler in yzygiderliligi iş ýöredişe gatnaşyjylaryň teklipleri boýunça kazyýet tarapyndan bellenýär, emma ähli halatlarda ilkinji bolup döwlet aýyplaýjysy çykyp gepleýär.

4. Eger döwlet aýyplawyny birnäçe döwlet aýyplaýjylary goldaýan bolsa, işe birnäçe jebir çekenler, adwokatlar, raýat jogap berijileri we olaryň wekilleri, raýat hak isleýjileri we olaryň wekilleri, kazyýetde işi şeredilýänleriň birnäçesi gatnaşýan bolsa, onda başlyklyk ediji olara çykyp geplemeleriniň yzygiderliligini özara ylalaşmak üçin wagt berýär. Zerur mahalynda onuň üçin kazyýet mejlisinde arakesme yglan edilip bilner. Eger agzalan adamlar kazyýetde çykyp geplemeleriň yzygiderliligi barada özara ylalaşyga gelmeseler, onda kazyýet olaryň pikirlerini diňläp, çykyp geplemeleriň yzygiderliligi hakynda kesgitnama çykarýar.

5. Kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşyjylaryň kazyýet mejlisinde barlanmadyk subutnamalara salgylanmaga haky ýokdur. Kazyýete täze subutnamalary getirmek zerurlygy ýüze çyksa, onda olar kazyýet derňewiniň täzeden başlanmagyny haýyş edip bilerler.

6. Kazyýet çykyp geplemeleriň dowamlylygyny belli bir wagt bilen çäklendirip bilmez, emma başlyklyk ediji seredilýän işe dahylly bolmadyk ýagdaýlara salgylanýan ýa-da kazyýet mejlisinde barlanmadyk subutnamalara esaslanyp kazyýetde çykyş edýän çykyp geplemelere gatnaşyjylary duruzmaga we bellik etmäge haklydyr.

7. Kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşyjylaryň hemmesi sözläp gutarandan soň, olaryň hersi ýene bir gezek replikalar bilen çykyş edip bilerler. Ähli halatlarda ahyrky replikany etmek hukugy kazyýetde işi seredilýäne we onuň adwokatyna degişlidir.

**449-njy madda. Nägilelik tertibinde işe seredilende gatnaşýan adamlar**

1. Nägilelik tertibinde işe seredýän kazyýetiň mejlisine prokuror gatnaşýar. Adwokat, şonuň ýaly-da jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri hem şol kazyýetiň mejlisine gatnaşmaga haklydyrlar.

2. Işiň nägilelik tertibinde kazyýet mejlisinde serediljek ýeri we wagty hakynda öz wagtynda habarly edilen adamlaryň gelmezligi işiň seredilmegine päsgel berip bilmez.

3. Işe nägilelik tertibinde seredýän kazyýet mejlisine iş kesileniň gatnaşmagy hakyndaky mesele şol kazyýet tarapyndan çözülýär. Kazyýet mejlisine gelen iş kesilen ýa-

da aklanan ähli halatlarda düşündiriş bermek üçin mejlise goýberilýär.

4. Şu Kodeksiň 436-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda höküme şikaýat etmäge hakly adamlar, şeýle hem höküm çykandan son tabşyrygy Kabul eden iş kesileniň (aklananyň) adwokaty ýa-da jebir çekeniň wekili hemme halatlarda ikinji basgançakly kazyýetiň mejlisine goýberilýärler. Haýyşlary boýunça getiren şikaýatlaryny ýa-da teklipnamany ýa solar barada närazylyklaryny esaslandyryp çykyş etmek üçin olara söz berilýär.

**450-nji madda. Ikinji basgançakly kazyýetiň ygtyýarlygy**

1. Ikinji basgançakly kazyýete nägilelik tertibinde getirilen şikaýat ýa-da teklipnama bilen gowşan işe seredilen mahalynda taraplaryň haýyşy boýunça kazyýet (iş diňlenmäge taýýarlanylanda - kazy) şu aşakdakylarda haklydyr:

1) kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesini bellemäge;

2) eger işde bar bolan maglumatlar boýunça geçirilmegi mümkin bolsa, başga bilermenler seljermesini bellemäge;

3) is kesileniň saglyk ýagdaýy, maşgala ýagdaýy we onuň ozalky iş kesilenlik aýyplary bilen baglanyşykly resminamalary talap edip almaga.

2. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda şaýatlaryň (jebir çekenleriň) görkezmelerini beýan etmekde dürli teswirlemeleri bermegiň mümkinçiligini döredýän nätakyklyklar bolan mahalynda, kazyýet taraplaryň haýyşy boýunça şol şaýady (jebir çekeni) sorag etmäge haklydyr.

Şeýle ýagdaýda iş kesileniň kazyýetiň mejlisine gatnaşmagy hökmandyr. Şaýat (jebir çeken) şu Kodeksiň 393-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan tertipde görnetin ýalan görkezmeler bermegi we görkezme bermekden ýüz döndermegi üçin onuň jenaýat jogapkärçiligine çekiljekdigi hakynda duýdurylýar, onuň görkezmeleri kätibiň gatnaşmagynda mejlis teswirnamasyna ýazylýar we son olara subutnamalar hökmünde seredilýär.

**Edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. Aşgabat 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. Aşgabat 2009.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 3-nji tom. Aşgabat 2010.
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasynyň täze redaksiýasy. Aşgabat 2008.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőýmek – bagtdyr. Aşgabat 2007.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat, 2007.

8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007.

9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.

10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.

11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.

12. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumymilli „Galkynyş“ Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlislerinde sözlän sözi. Aşgabat, 2007.

13. Beýik özgertmeleriň ýyl ýazgylary. 2-nji neşir. Aşgabat 2009.

14. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. Aşgabat, 2009.

15. Алексеев Н.С., Макарова З.В.Ораторское искусство в суде. Ленинград-2001.

16. Апресьян Г.Х.Ораторское искусство. –Москва-1999.

17. Бояринцева Г.С.Культура речи юриста. – Саранск- 1997.

18. Введенская Л.А., Павлова Л.Г. Риторика для юриста.-Ростов-на-Дону-2002.

19. Загорский Г.И. Судебная речь.–Москва-1998.

20. Ломовский В.Д. О судебной речи. –Калинин-1990.

21. Макарова З.В.Судебная речь.-Куйбышев- 1985.

22. Михайловская Г.Н., Одинцов В.Л. Искусство судебного оратора. –Москва-.2000.
23. Сергеич П. Искусство речи на суде. –Москва-2000.
24. Стесовский Ю.И. Советская адвокатура. –Москва-1989.
25. Taganow B. Jenaŷat iş ŷőredişi.-Aşgabat-2002.
26. Томин В.И. Уголовный процесс.-Москва-2001.
27. Царев В.И.Слово государственному обвинителю.-Москва-2002.
28. Шейфер С.А. Собирание доказательств в уголовном процессе.-Москва- 1986.
29. Якупов Х.Р. Уголовный процесс.-Москва-1998.

## Mazmuny:

**Giriş**

**Tema 1:** Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanda hukukçynyň dilewarlyk ussatlygynyň ähmiýeti

**Tema 2:** Dilewarlyk ussatlygy dersiniň gurluşy we öwrenilýän meseleleri.

**Tema 3:** Sülçiniň dilewarlyk ussatlygy.

**Tema 4:** Kazyýet çykyp geplemeleri barada düşünje we onuň ähmiýeti.

**Tema 5:** Kazyýet çykyp geplemelerine taýýarlyk

**Tema 6:** Birinji basgançakly kazyýetde jenaýat işleri boýunça prokuroryň çykyşy.

**Tema 7 :** Birinji basgançakly kazyýetde jenaýat işleri boýunça adwokatyň çykyşy.

**Tema: 8** Prokuroryň we adwokatyň jenaýat işleri boýunça ikinji basgançakly kazyýetde çykyşy.